# Ne Tramp! Ne Baýden! Biz – bizdiris!

Category: Gutlaglar,Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ne Tramp! Ne Baýden! Biz – bizdiris! NE TRAMP! NE BAÝDEN! BIZ – BIZDIRIS!




Hawa, global güýç. Bilegi kuwwatly, güýji gudratly. Dünýäniñ hekemi, kartalary çyzyjy, çäkleri üýtgediji.
Goşuny güýçli. Äñ pytradýar, süñk döwýär, atom bombasyny atýar.
Ýapon imperatoryny dyza çökerýär. Gapma-garşylyk çykarýar. Agdarlyşyk geçirýär. Haýsy ýurduñ lideruniñ näçe gizlin baýlygynyñ bardygyny we ogrynça haýsy ýurduñ bankynda näçe pul saklaýandygyny bilýär, wagty-sagady gelende muny olaryñ garşysyna şantaž edip ulanýar.
MRU-sy (CIA)… Pentagony, ýokary okuw jaýlary, Golliwudy… güýçli mediýasy… lobileri…
Düşünjeleri awlaýar. Werziş bolnan çäresizligi döredýär. Beýnileri we garaşylýan tamalary boýun egdirýär. Dünýäniñ her ýerine maýa goýumlaryny goýup, haryt öndürip, dünýäniñ çar künjüne önümini satýan läheñ şereketleri, kuwwatly ykdysadyýeti, güýçli merkezi banky, bütindünýä banky, IMF-niñ we NATO-nyñ
‘nun patronu olmasından sağladığı güç ile isterse ekonomilerde kriz yaratır, ülkeleri çökertir.
Hem her saýlawdan öñ! Amerikan ýanaşmasy! Bizde depreşýär!
Başlaýar bir başagaýlyk! Obamamy? Romenimi?
«Obama biziñ adamymyz, hem atasy musulman, hem ilkinji ady Hüseýin…» diýip, turuzarlar içerde bir galmagaly… Hamana Obama

saýlansa, Türkiýede garyp-gasar hemem bir döwüm çörege adam mätäç galmajak ýaly…
Obama saýlanar. Telefon jaňlary, gutlaglar, resmi duşuşyklar, gujaklaşmalar.
Obama palak çykar. Beýsbol taýagyny somlar.
Soňra ýene şol bir depreşme! Trampy? Hillarimi?
“Tramp biziň adamymyz…” diýip gürlemäge, ýazmaga, uzyn-uzyn öwüp, heniz amerikan saýlawçylary ony saýlamanka başlaýar bir ýaranjaňlyk kampaniýasy!
Umytlar galkynar. Tramp saýlanar.
Günaşa telefon jaňlary, alty aýda bir gezek gidip görüşmeler, gapyda garşylamalar, egin-egine kakmalar, arasynda bie pitjiň atyjylykly hatlar, ahyrynda «adamymyz» Trampam palak çykar.
Ýewfratyň gündogarynda nebit guýularyny ÝPG-niň ygtyýarlygyna berer we «türk goşuny meniň çyzan çäklerimiň daşyna çyksa türk ykdysadyýetini ýok ederin» diýip haýbat atar. Fethulla Gülene howandarlyk eder, yzyna gaýdyp bermez. Ryza Zarraby ulanar.
Şindi ýene şol bir gaýtalanyp duran aýdym! Baýdenmi? Trampmy?
Ýene “adamymyz” atly endik bolan çäresizlik, sygynma, ýallaklama, götergileme dowam edýär.
Ne Tramp! Ne Baýden! Biz – bizdiris!
Haýsysy saýlananda-da: ABŞ-nyň süňk döwüji, äň pytradyjy, karta çyzyjy, krizis dörediji, agdarlyşyk gurnaýjy, düşünme (восприятие) awçylygy ilkinji nobatda “amerikan bähbitlerini goramak” üçin hereket etjekdigi köre hasa.
Baýdenmi? Trampmy? Tapawudy näme.
Ýumurtga ýarylmagyň öňürsyrasynda!
Nejati DOGRU.

«SÖZCÜ» gazeti, 07.11.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Publisistika